# Zelili

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Zelili ZELILI

Jeýhun gol uzadyp Bahry-Hazara,
Senden alýar güýç-gaýraty, Zelili.
Sözleriñ öwrülip göwhere-zere,
Ýitirmändir görk-gymmaty, Zelili.

Alkyşlaryñ bilen beýgelen daglar,
Şygyrlaryñ bilen eýlenen çaglar,
Gül-pürçek gujagna düşen meýdanlar,
Gördi senden kän hormaty, Zelili.

Gözleriñ düşüpdir nurly zamana,
Gara öý – gün görmedik dek hamana,
Ejir berip gelen her musulmana,
Parçalapsyñ bar zulmaty, Zelili.

Ýigitleriñ iş kylanda pert bolup,
Ýow-ýagyñ dahana düşdi gurt bolup,
Gözelleñ söz berdi misli mert bolup,
Saklamaga salykaty, Zelili.

Gyzlaryñ geýipdir elwan-alyny,
Üýşürip saçagna nygmat baryny,
Hersine «Kaksyn – diýp – ýürek taryny –
Beripsiñ sen sahawaty, Zelili.

Görseñ tanamarsyñ Türkmenistany,
Ne gyşy galypdyr, ne-de borany,
Häzir Diýar şöhrat DIÝARY, şany –
Dilden düşmez delalaty, Zelili.

Azat dillerinde ýürek galkynar,
Il-günüñ ýaşaýar meñzäp ýalkyma,
Dolandy döwranlar dogan halkyña,

Gel, görmäge adalaty, Zelili.

Fahreddin ALYÝEW,
azerbaýjan şahyry.

Terjime eden: Ahmet MÄMMEDOW. Goşgular